## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

**1470 Oraza baýramyny bellemek hakynda**

Türkmen halkynyň köp asyrlyk taryhyna aýawly çemeleşmek, gymmatly ruhy baýlyklarymyzy gorap saklamak, ajaýyp däp-dessurlarymyzy berjaý etmek hem-de Täze galkynyş zamanamyzda mähriban halkymyzyň bitewüligini, agzybirligini we jebisligini has-da berkitmek, şeýle hem «Oraza baýramyny bellemek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 1998-nji ýylyň 14-nji ýanwarynda çykaran 2432-nji Permanyny ýerine ýetirmek maksady bilen, **karar edýärin:**

Türkmen halkynyň Milli baýramy bolan Oraza baýramyny 2011-nji ýylyň 31-nji awgustynda bellemeli we şol güni iş güni däl diýip yglan etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti** — **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. awgust aýynyň 26-sy.*
*№ PP-5843*

* * *

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

**1471 Türkmenistanyň Ýaşulularynyň Maslahatyny çagyrmak hakynda**

Ýaşululara uly sarpa goýmak, olaryň abraý-mertebesini belende götermek ýaly ata-babalarymyzdan miras galan mukaddes däp-dessurlarymyza eýerip, türkmen halkynyň şöhratly taryhynda, milli mirasynda we şu günki bagtyýar durmuşymyzda ösüp gelýän ýaş nesillerimizi asyllylyk, halallyk, watansöýüjilik, zähmetsöýerlik we ahlaklylyk ruhunda terbiýelemekde ýaşuly nesliň aýratyn mynasyp ornuna buýsanmak bilen, ýurdumyzyň syýasy-jemgyýetçilik durmuşynda taryhy ähmiýetli sene bolan Türkmenistanyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 20 ýyllyk şanly baýramynyň giňden bellenip geçilýän döwründe, şeýle hem geljekki döwre meýilleşdirilýän beýik hem-de tutumly işlere ýaşululary işjeň çekmek, halkymyzyň agzybirligini pugtalandyrmakda, il-ýurt bähbitli meseleleri pähim-parasatly ýaşulular bilen maslahatlaşyp çözmekde olaryň örän baý tejribesini, asylly ýörelgelerini netijeli peýdalanmak maksady bilen, **karar edýärin:**

1. Türkmenistanyň Ýaşulularynyň Maslahatyny 2011-nji ýylyň 25-nji oktýabrynda Aşgabat şäherinde çagyrmaly.



2. Türkmenistanyň Ýaşulularynyň Maslahatynyň gün tertibine döwlet durmuşynyň ilkinji nobatdaky meselelerini ara alyp maslahatlaşmak üçin hödürlemeli.

3. Türkmenistanyň Ýaşulularynyň Maslahatyny guramaçylykly geçirmek we gelýän teklipleri, ýüztutmalary kabul etmek, toplamak hem-de seljermek boýunça Döwlet toparyny döretmeli we onuň düzümini tassyklamaly (goşulýar).

4. Şu Permanyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasarlary, Türkmenistanyň Prezidentiniň Diwanynyň Iş Dolandyryjysy, Türkmenistanyň Ýaşulularynyň Maslahatynyň Başlygynyň orunbasary hem-de welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimleri gözegçilik etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti** — **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. awgust aýynyň 26-sy.*
*№ PP-5844*